# Ispaniýada ekin meýdanlarynda işledilýän gullar…

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ispaniýada ekin meýdanlarynda işledilýän gullar… ISPANIÝADA EKIN MEÝDANLARYNDA IŞLEDILÝÄN GULLAR: HAÝBAT ATMALAR, BOÝUN EGDIRMELER WE ÝOK ETMELER




*Ispaniýada 5 müñe golaý göçegçi plastiki çadyrlarda suwsuz we toksuz ýaşaýar.*
*Gaçgak işçileriñ Ispaniýadan deportasiýa edilmek gorkusy bolansoñ, zor bilen işlemegiñ şertlerini kabul edýärler / Fotosurat: AFP*
Ispan hökümeti ekerançylyk pudagyndaky «täze gulçulyga» göz ýumulmagy, ýagny, gaçgak migrantlaryñ ekin meýdanlarynda kyn şertlerde we ujypsyz hak-heşdek üçin işledilmegi ýaly tankydy bellikler bilen ýüzbe-ýüz boldy.

- **Plastiki çadyrlar**

Günorta Ispaniýanyñ Ýewropada iñ esasy gök önüm satýan oblasty Almeriýada ýylda her gün Ýewropadaky dükanlara lomaý we arzan bahalar bilen paýlanýan ir-iýmişdir gök önümden mas ýüklenen ýük awtoluglarynyñ kerweni gatnaýar.
Ispaniýada ekin meýdanlarynyñ artmagy bilen birlikde ispan dilinde «plastiki deñiz» manysyny berýän «Mar de Plástico» diýip atlandyrylýan göçegçi eksplutasiýasy güýçlenýär.

Ispaniýanyň adam hukuklary boýunça guramalarynyň berýän maglumatlaryna görä «bäş müňe golaý adam toksuz we sanitariýa kadalaryna gabat gelmeýän ýagdaýda plastiki çadyrlarda ýaşaýar».
Magryp ýurtlaryndan gelen gaçgak göçegçiler ýaşaýyşlaryny ýazgy etmek üçin işleýän obalaryndaky ýaramaz iş şertlerini görkezýär wideoýazgylary paýlaşýarlar.
Almeriýa oblastynda pomidor hasylyny ýygnaýan marokkolly migrant Halid başdan geçirýän ýaşaýyş şertlerini şeýle suratlandyrdy:
«Agyr zähmet şertlerine uzak sagatlap çydamaga we plastiki çadyrlarda dynç almaga mejbur bolýarys. Bärde adam ýangyndan, ýagyşdan, tomsuň çakdanaşa jokrama yssysyndan gorkýar. Gelenime eýýäm dört ýyl boldy we şumada çenli kanuny taýdan wagtlaýyn ýaşamaga bolan rugsatnamany alyp bilmedim».
Gök önüm söwdasyna bolan garaşlylygy sebäpli sebit Ispaniýanyň iň garyp oblastylygyndan iň uly gök önüm we ir-iýmiş eksport edýän oblastyna öwrüldi.
Ekin meýdanlaryndaky işçileriň ýarsyna golaýy bikanun ýagdaýda işledilýär.
Olaryň köpüsi «ölüm sallary» bilen Magryp ýa-da Sahara çölüniň aňyrsyndaky ýurtlardan Ispaniýa gelen bikanun göçegçilerden ybarat.
Germaniýanyň «ARD PlusMinus» žurnalynyň alyp baran barlagyna görä, olaryň hemmesi Ýewropada has gowy durmuşda ýaşamagy arzuw edýär, emma «plastiki çadyrlarda gözgyny zähmet şertlerinde» ýaşajak bolýarlar.

- **Işçileriň ýitirim bolmagy**

Ispaniýanyň günortasyndaky Fiakario posýologynda arasynda 33 ýaşly Ybraýym Duýufyň we 22 ýaşly Tediani Koulibaliniň hem bolan köp sanly hakynatutma işçiniň dereksiz ýitendigi barada habarlar ýaýrady.
Germaniýanyň «Telepolis» žurnalynyň habar bermegine görä, Duýuf 2021-nji ýylyň ýanwar aýynda sumat bolmazyndan öň zeýtun plantasiýasynda işleýärdi. Şaýatlaryň aýtmagyna görä,

senegally ýigit hojaýyny bilen zeýtun möwsümindäki ýaramaz iş şertleriniñ üstünde gohlaşandan soñ ýitirim boldy.
Işçileriñ gözi-gulagy bolup, olaryñ wekilçiligini edýän malili Koulibali hem sumat bolmazdan öñ ekin meýdanlarynhñ eýeleri bilen işledilýän günlükçileriñ zähmet we ýaşaýyş şertleri boýunça gepleşik geçirip ýördi.
Žurnal tölenýän hakyñ iñ pes aýlyk hakyndanam ep-esli pesdigini we işçileriñ günuzyn işledilýändigine garamazdan günde bary-ýogy 20-30 ýewro tölenýändigini aýtdy.
Işçiler plastiki çadyrlarda ýaşaýarlar we elli gradusa ýeteñkirleýän jokrama yssynyñ aşagynda işläp, günlükçilik edýärler. Örän az sanlysy kanuny hak-heşdek bolan 47 ýewrony gazanýar. Görgülıler haçanam bolsa bir gün oñaýly zähmet şertnamasyny baglaşarys diýen umyt bilen gymyldap ýörler.
Işiñ kynçylygyna görä bolmadyk hak-heşdek bilen goşmaça işlemäge (mesaýy) we jan saglyklaryna howp salýan howply dökün we mör-möjeklere garşy himikatlary goraýjy eşikler bolmazdan günde ulanmaga kaýyl bolýarlar.
Göçegçileriñ hak-hukuklaryny goraýan we olar üçin oñaýly ýaşaýyş we zähmet şertlerini talap edýän Ispaniýanyñ ekerançylyk işçileri sindikatynyñ işgäri Žose Garsiýa Kuewa işçileriñ özlerinden kömek soramasy boýunça şu meselä ünsi çekdi:
«Ofisimize köp sanly işçiden arz-şikaýat gelip gowuşýar, emma bu şikaýatlar diñe kanuny ýagdaýda wagtlaýyn ýaşaýanlardan gelýär. Gaçgak işçileriñ ujypsyz bölegi işsiz galaryn we deport edilerin gorkusy bilen sindikatdan kömek soraýar. Bu örän çatak ýagdaý».

- **Deportasiýa etmek howpy**

Garsiýa Kuewas sözlerini şeýle dowam etdirdi:
«Almeríýada 62 sany gijeki düşelge bar. Meniñ pikirimçe diñe şunuñ özem bu adamlara garşy edilýän sütemiñ bir görnüşidir».
«Oxfam» Halkara Ösüş guramasy birnäçe habarnamasynda Ispaniýadaky ekin meýdanlarynda bolýan zähmet eksplutasiýasyny ýazgardy we olaryñ jogapkärçiligini bazar güýçleriniñ

arkasyndan nyrhlary isleýşi ýaly goýýan ispan hökümetiniñ we uly azyk şereketleriniñ boýnuna ýükledi.
Gurama müşderi ýurtlaryñ hökümetleriniñem işçileriñ eksplutatirlenmeginden jogapkärdigine ynanýar.
Kuewas işledilýänleriñ hak-hukuk göreşi boýunça şu hakykaty paýlaşdy:
«Iş berijiler sistematiki ýagdaýda işçilerini gorkuzýar. Kim hakyny talap etjek bolsa, şobada işden kowulýar».




*Ýolanda Dias*
Germaniýanyñ Zähmet guramasynyñ internet saýtynda şeýle jümlelere ýer berildi:
«Ispaniýanyñ Zähmet ministri Ýolanda Dias ekerançylykdaky zähmet eksplutasiýasynyñ üstünde durup geçenden bäri her dürli hüjümlere uçrady we ekerançylyk pudagyndaky uly öndürijilerden ýerlerde audite rugsat bermändigi üçin ölüm haýbatlary atyldy.
2022-nji ýylda ispan ygtyýarlylar Sewilýadaky bir şereketiñ obalarda dürli halklardan bolan başly-barat göçegçileri eksplutatirläp, mugtuna işledýändigini bilen badyna Andalusiýa oblastyndan başlap, dürli şäherlerde giñ möçberli gözleg operasiýasyny geçirdi.
Polisiýa tarapyndan geçirilen barlaglaryñ dowamynda asly marokkoly 100-den gowrak göçegçiniñ günuzyn iñ agyr şertlerde işlemäge we plastiki çadyrlarda dynç almaga mejbur edýän ýedi ekerançylyk şereketinde ýurduñ adam söwdasyny edýän iñ uly torlarynyñ biri ýüze çykaryldy.




Ilham TALIBI.
Çarşenbe, 12.04.2023 ý. Publisistika